# Daýym sola, daýym sola

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Daýym sola, daýym sola DAÝYM SOLA, DAÝYM SOLA

**Jazim Gürbüz…**
Nasionalist gatlagyñ arasynda giñden tanalýan şahs.
Altmyşynjy ýyllaryñ aýagyndan başlap MHP-de ýer aldy, ýolbaşçy wezipelerde oturdy.
**«Ortadoğu», «Yeniçağ»** ýaly birnäçe ülküji (idealist) gazetlerde ençeme ýyllap işledi. Kitaplar ýazdy.
Onuñ geçen aý çapdan çykan **«Daýym sola, daýym sola»** ("Daim Sola Daim Sola") kitabyny bir demde okap çykdym.
Kitabyñ özboluşly ady şundan gelip çykýardy:
Professor **Hüseýinzade Aly Turan** (1864-1940), asly azerbaýjanly türk lukmany. Ol hem Azerbaýjanda, hem Osmanly Türkiýesinde türküçilik akymynyñ görnükli wekilleriniñ biridi.
Aly Turan **«Çuma we onuñ mikroby»** ("Veba ve Mikrobu") kitabyny 1890-njy ýylda ýazdy. Wagtyñ geçmegi bilen syýasatdaky «çuma we mikrop» meselesine üns berdi!
1906-njy ýyl. Onuñ Bakuda çapdan çykýan **«Hayat»** gazetinde çykan makalasysynyñ ady şudy: **"Sola, sola, sol tarapa"** («Çepe, çepe, çep tarapa»).
Ol şeýle diýýärdi:

*" – Sola! Çünki bu gezek – uçurym, girdap sag tarapda. Daş edewersin, konserwatiw begleriñ, köne pikirli ýa-da pikirsiz agalaryñ, dünýäsöýer sermaýadarlaryñ, ahyretparaz we sermaýaparaz işan-mollalaryñ, monahlaryñ, jüýjäñ akylyça ýok akylsyz – emma mähnet hileli, mürewwetsiz, ynsapsyz, mynapyk, pitneçi býurokratlaryñ, umuman ýesirligiñ we diýdimzorlugyñ gullarynyñ iterýän sag tarapyndan! Daş edewersin sag tarapdan… Daş edewersin sag tarapdan… Gorp şotaýdadyr!"*

Milliýetçi (nasionalist) Jazim Gürbüz…
Ülküji (idealist) Jazim Gürbüz…

Sagçy Jazim Gürbüz…
Ol kitabyna “Daýym sola, daýym sola” diýen ady nämüçin goýduka?

■ **MHP-den EL ÇEKME**

Jazim Gürbüz ýetmiş üç ýaşynda…
Onuñ ömri bilgidir hakykatyñ gözleginde geçdi…
Ol diñe teoriýada däl, syýasaty praktikada-da ýakyndan öwrendi, tejribe edindi.
Hususanam, nasionalist akymyñ «Sowuk uruş» döwründe nämüçin çepçilere duşman edilendigini öwrendi.
Çepçiler bilen bile imperializme garşy göreşen türkçüleriñ MHP gurulandan soñ, hut **Alparslan Türkeşiñ** eli bilen partiýanyñ hataryndan kowulmagynyñ syýasy-strategiki analizini berdi. Nasionalistlik-milli döwlet düşünjesiniñ içiniñ boşadylyp, imperializme-globallaşmaga meýilli edilmegine örtenipler syn etdi…
Milli buýsanç idealizmi pöwhe sözlere – daşy jäjeklenen içi boş şygarlara gelip dirände, ol bu akymdan sowap ugrady.
Ahyrynda… gündelik syýasatda jemgyýetiñ arasyny bölýän-agzalalygy çuñlaşdyrýan gaýtalawçy-statik «dekoratiw» hasaplaýan MHP-sinden meýletin çykdy. Şol wagt 2008-nji ýyldy.
Nasionalizm – özgäni gysymynda saklamaga, gözegçilik etmäge, ýok etmäge gönükdirilen pikir-syýasy hereket bolmaly däldi. Galyberse-de… ne liberal, ne-de konserwatiw! Kapitalizmiñ bu **“dinçi-liboş nikasyndan”** gutulmak gerekdi.
Kitapdan çykaran netijämçe, ol şuña ynanýardy:
– Halkçy-jemgyýetçi esasly çepçiler bilen türkçüleriñ – düýn bolşy ýaly, şu günem el-ele berip, ülküler (ideýalar) älemine bilelikde ýöremegini üpjün etmeli. Taryhy tejribäniñ mundan artyk parçalanmagyna ýol bermeli däl.
– Zol-zol taryha ýüzlenip, taryhymyzy mazamlap oturmagyñ deregne, akyl-paýhasyñ döredijilik ukyby arkaly ýüzümi gelejege öwürmeli…
Diñe şeýdilende milletparazlygy ret edip, ekplutatasiýa galyplaryny döwüp, hakyky garaşsyzlygy gazanyp bolar.

Hut şonuñ üçinem Jazim Gürbüz “daýym sola, daýym sola” diýmelidigine ynandy…

■ **DÜÝP MESELE**

Nejip Fazyl bir şygyrynda:

*“Kalbymy we aklymy diñe sag elme berdim,*
*Öz borjy bolmasady, sol elimi keserdim…”* – diýýärdi.

Bu gödeksi düşünjäniñ tarapynda nijeme ýyllap göreşen, gaşyny çytman ölüme ylgan…
**Nihal Atsyzlara**, **Alparslan Türkeşlere** çäksiz ynam bilen ýapyşan… Jazim Gürbüz bugün indi çepçi-sosialist intelligent.
Ýeri, munuñ ilkinji ädimi nähili boldy?
Kitabyñ girişinde Mahir Çaýandan alynan sitata bar:
“Öz şahsynda öwrülişik edip bilmeýänler öwrülişikçi (ynkylapçy) bolup bilmez.”
Munuñ ýoly bolsa akyl-paýhasdan, derñemek-seljermekden, döretmekden geçýär.
Jazim Gürbüz dogry ýoly tapanda Nejip Fazyla reddiýe ýazdy:

*“Şumatky aklym şol gün bolsady,*
*Harçlarmydym ýaşlygymy.*
*Urup sögenlerime*
*Uzadardym elimi…”*

Jazim Gürbüz esasy meseläni-çaprazlygy görüp bilen intellektual bolmagy başardy.
Nasionalizm edermenlik satýan parlañküş edebiýata gabalyp bilinmezdi, ol syýasy-medeni akyldy. Düýp maksady – kolonializme garşy göreşmek bolmalydy.
Hakyky göreşi kapitalizme we onuñ guýrugy bolan imperializme-globallaşmaga garşy çykmak arkaly ýöretmek mümkinfi. Bu hasaby görmezden, bu söweşe girmezden demokratiýany gurup bolmaýar, adalaty berkarar edip bolmaýar, dünýewiligi gorap bolmaýar, azatlyga ýetip bolmaýar…
Başgaça bolanda, “medenileşdirme”- “demokratiýalaşma” ýaly ýüz dürli «don» bilen ýurtlary, jemgyýetleri, adamlary gurşap alan

kapitalizm ideologiýasyna boýun egip, syýasat gözboýagçylygyny oynamak bolýardy.
Yzygiderli dawa-jenjel, agzalalyk döretmek imperializmiñ **“agzyny alart-da, hököm sür”** syýasatynyñ baş maksadydy.
Jazim Gürbüz bu oýuna gelmekden-duzaga düşmekden ýüz öwürdi.
Anyk bilýärin, hakykaty görýän nasionalistlerimiziñ sany Jazim Gürbüzde gutarýan däldir.
Akyl-paýhasynyñ we wyždanynyñ üstüne örtülen perdäni galdyranlaryñ sözi birmeñzeş ýañlanmaga dowam etjekdigine ynanýaryn:
“Daýym sola, daýym sola!”

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 04.12.2020 ý. Publisistika